Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň
2021-nji ýylyň 15-nji fewralynda çykaran 10 belgili
**B U Ý R U G Y**

**Hojalygy ýörediji subýektleriň statistik bellige alyş sanawyny ýöretmegiň Düzgünlerini tassyklamak hakynda**

2012-nji ýylyň 31-nji martynda kabul edilen “Statistika hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 21-nji maddasyna we “Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň işini kämilleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 25-nji aprelinde çykaran 12980-nji karary bilen tassyklanylan, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti hakynda Düzgünnama laýyklykda, **buýurýaryn**:

1. Hojalygy ýörediji subýektleriň statistik bellige alyş sanawyny ýöretmegiň Düzgünlerini tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2015-nji ýylyň 7-nji dekabrynda 936 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Ýuridik şahslaryň we olaryň aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň hojalygy ýörediji subýektleriň statistik bellige alyş sanawy hakynda Düzgünnamany tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2015-nji ýylyň 23-nji noýabrynda çykaran 61 belgili buýrugyny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasary G.Annanyýazowa gözegçilik etmeli.

**Başlyk** **S.Welbegow**

Türkmenistanyň Statistika baradaky
döwlet komitetiniň başlygynyň
2021-nji ýylyň 15-nji fewralynda
çykaran 10 belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**Hojalygy ýörediji subýektleriň statistik bellige alyş sanawyny ýöretmegiň DÜZGÜNLERI**

1. Şu hojalygy ýörediji subýektleriň statistik bellige alyş sanawyny ýöretmegiň Düzgünleri (mundan beýläk - Düzgünler) 2012-nji ýylyň 31-nji martynda kabul edilen "Statistika hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 21-nji maddasyna we "Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň işini kämilleşdirmek hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 25-nji aprelinde çykaran 12980-nji karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti hakynda Düzgünnama laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Düzgünler döwlet statistikasynyň sebitleýin edaralary (mundan beýläk - sebitleýin statistika edaralary) tarapyndan hojalygy ýörediji subýektleriň statistik bellige alyş sanawyny (mundan beýläk - statistik bellige alyş sanawy) ýöretmegiň düzgünlerini kesgitleýär.

3. Şu Düzgünlerde aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) hojalygy ýörediji subýekt – harytlary öndürmegi, ýerlemegi ýa-da satyn almagy, hyzmatlary etmegi we işleri ýerine ýetirmegi amala aşyrýan kärhanalar, edaralar, guramalar (mundan beýläk - kärhanalar) we ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar - hususy telekeçiler (mundan beýläk - hususy telekeçiler);

2) statistik bellige alyş sanawy – eýeçiliginiň görnüşine garamazdan kärhanalar we hususy telekeçiler baradaky zerur habarlary özünde saklaýan maglumatlar binýady;

3) kärhana – jemgyýetiň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we girdeji almak maksady bilen önüm öndürmek, harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek we hyzmatlary etmek üçin "Kärhanalar hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda döredilýän ykdysady işiň özbaşdak subýekti.

4. Statistik bellige alyş sanawy hojalygy ýörediji subýektleriň statistik hasaba alnyşyny üpjün etmek we olar baradaky habarlar binýadyny emele getirmek maksatlary bilen döredilýär. Hojalygy ýörediji subýektleriň statistik bellige alyş sanawy Ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawynyň, Türkmenistanyň salgyt edaralarynyň maglumatlarynyň we başga çeşmeleriň maglumatlarynyň esasynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň edaralary tarapyndan ýöredilýär.

5. Hojalygy ýörediji subýektler statistik bellige alyş sanawyna goşulanda olary tapawutlandyrmak üçin aşakda görkezilen klassifikatorlara laýyklykda kodlar ulanylýar:

1) Hojalyk subýektleriň umumy klassifikatory;

2) Türkmenistanyň edara ediş ýerli birlikleriniň döwlet klassifikatory;

3) Ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edaralarynyň belgileýiş ulgamy;

4) Türkmenistanyň eýeçilik görnüşleriniň döwlet klassifikatory;

5) Türkmenistanyň hojalyk subýektleriniň guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň döwlet klassifikatory;

6) Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň sektorlarynyň döwlet klassifikatory;

7) Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatory;

8) Türkmenistanyň kärhanalarynyň görnüşleriniň döwlet klassifikatory;

9) Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatory.

6. Hojalygy ýörediji subýektleriň ykdysady işjeňlik derejesini görkezmek üçin statistik bellige alyş sanawynyň ýyllyk derwaýyslaşdyryş döwründe ýagdaýa görä üýtgeýän kodlar ulanylýar hem-de şu aşakdaky ýagdaýa görä üýtgeýän kodlar programmirleme usullary arkaly berilýär:

1) “1” – täze bellige alnan. Bu ýagdaýa görä üýtgeýän kod hojalygy ýörediji subýekt statistik bellige alyş sanawynda birinji gezek bellige alnanda iki ýyla çenli möhlet bilen berilýär. Işiň amala aşyrylýandygyny häsiýetlendirýän görkezijiler (mysal üçin, öndürilen önümiň, ýerlenen harytlaryň we edilen hyzmatlaryň möçberi) görkezilen döwlet statistik hasabatlylygyň birinji formasy tabşyrylandan soň ýa-da işiň amala aşyrylýandygy barada administratiw maglumatlar bolan ýagdaýynda bu ýagdaýa görä üýtgeýän kod “2”-ä üýtgedilýär;

2) “2” – hereket edýän (aktiw). Bu ýagdaýa görä üýtgeýän kod işiň amala aşyrylýandygyny häsiýetlendirýän görkezijiler (mysal üçin, öndürilen önümiň, ýerlenen harytlaryň we edilen hyzmatlaryň möçberi) görkezilen döwlet statistik hasabatlylygyň birinji formasy tabşyrylandan soň ýa-da işiň amala aşyrylýandygy barada administratiw maglumatlar bolan ýagdaýynda berilýär. Soňra bu ýagdaýa görä üýtgeýän koduň goýlan senesi täzelenip bilner ýa-da statistika edaralaryna gelip gowuşýan maglumatlara baglylykda ýagdaýa görä üýtgeýän kod üýtgedilip bilner;

3) “3” – işi togtadylan. Bu ýagdaýa görä üýtgeýän kod hojalygy ýörediji subýektiň işi togtadylan ýagdaýynda berilýär (iş täzeden başlanan mahalynda ýagdaýa görä üýtgeýän kod “2”-ä üýtgedilýär);

4) “4” – hereket etmeýän. Bu ýagdaýa görä üýtgeýän kod kärhana boýunça 24 aýdan gowrak, hususy telekeçilik subýektleri bolan telekeçi ýuridik şahs we ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahs-hususy telekeçi boýunça bolsa, 18 aýdan gowrak döwlet statistik hasabatlylygyň bir formasynyň hem berilmedik we şol bir wagtda bu hojalygy ýörediji subýektiň hereket etmeýän salgyt töleýjileriň sanawynda durýan ýa-da administratiw maglumatlarda işiň amala aşyrylýandygy barada hiç bir maglumatyň bolmadyk ýagdaýynda berilýär;

5) “5” – ýatyrmak ýa-da bes etmek işleri alnyp barylýan. Bu ýagdaýa görä üýtgeýän kod hojalygy ýörediji subýektiň maglumatlarynyň ýa-da beýleki administratiw maglumatlaryň (Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň maglumatlary ýa-da kazyýetiň çözgüdi) esasynda berilýär;

6) “6” – ýatyrylan ýa-da işi bes edilen. Bu ýagdaýa görä üýtgeýän kod Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň maglumatlarynyň ýa-da hususy telekeçiniň öz maglumatlarynyň we administratiw maglumatlaryň esasynda berilýär.

Özlerinde şu bölegiň birinji tesiminde sanalyp geçilen ýagdaýa görä üýtgeýän kodlaryň islendik biri (“6” ýagdaýa görä üýtgeýän koddan başga) bar bolan hojalygy

ýörediji subýektler bellige alnan hojalygy ýörediji subýektler diýlip hasap edilýär, “1”, “2” we “3” ýagdaýa görä üýtgeýän kodlary bolan hojalygy ýörediji subýektler hereket edýän hojalygy ýörediji subýektler diýlip hasap edilýär.

7. Statistik bellige alyş sanawyny emele getirmek we ýyllyk derwaýyslaşdyrmak üçin sebitleýin statistika edaralary maglumatlary administratiw maglumatlardan – döwlet maglumat gorlaryndan we ulgamlaryndan, şol sanda salgyt edaralarynyň, karz edaralarynyň we beýleki döwlet edaralarynyň maglumatlaryndan alýar. Statistik bellige alyş sanawyny emele getirmek we ýöretmek üçin sebitleýin statistika edaralaryna berilýän maglumatlaryň hiline talaplar Türkmenistanyň kanunçylygyndan we maglumat hyzmatdaşlygy barada pudagara resminamalaryndan ugur alnyp bellenilýär.

8. Statistik bellige alyş sanawynda bellige almak (şeýle hem gaýtadan bellige almak, bellige almagy ýatyrmak) degişli döwlet edaralary bilen elektron resminama dolanyşygy arkaly amala aşyrylýar.

9. Ýyllyk maliýe hasabatynyň tabşyrylýan döwründe statistik bellige alyş sanawyny derwaýyslaşdyrmak (möhümleşdirmek, görkezijileri täzelemek) hojalygy ýörediji subýektler tarapyndan doldurylýan hojalygy ýörediji subýektleriň statistik hasaba alyş kartoçkasyna laýyklykda amala aşyrylýar. Hojalygy ýörediji subýektleriň statistik hasaba alyş kartoçkasynyň görnüşi Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan tassyklanylýar.

10. Sebitleýin statistika edaralary 3 (üç) iş gününiň dowamynda statistik bellige alyş sanawynyň binýadyna üýtgetmeler barada maglumatlary girizýärler.

11. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti we sebitleýin statistika edaralary kesekiler üçin elýetersiz ýerlerde maglumatlaryň ýitmeginiň, ýoýulmagynyň, galplaşdyrylmagynyň öňüniň alynmagyny üpjün edýän şertlerde statistik bellige alyş sanawynyň maglumatlarynyň işlenilmegini, ulanylmagyny we saklanylmagyny üpjün edýärler. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti we sebitleýin statistika edaralary tarapyndan her ýyl ýanwar aýynyň 1-i ýagdaýyna görä elektron göterijilerde statistik bellige alyş sanawynyň ätiýaçlyk nusgalary taýýarlanylýar we asyl nusgalary bilen birlikde olaryň ýitmegine ýol berilmeýän ýerlerde saklanylýar.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2021-nji ýylyň 10-njy martynda 1452 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.